# Teklip

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Teklip TEKLIP

Bu gijä bir at goýaly,
Yz galdyrsyn ýadymyzda,
Diýeli: «Bu – şo gijedi!»
Birazajyk sergin şemal, biraz-da bahar tagamy
Galsyn damak dadymyzda,
Misli, bar zat indijedi.
Siňsin tar-tar saçymyza,
Ruhumyzy meý-mes eden yşkyň jan alyjy güýji…
Söýgimiziň hormatyna
Ir sähere peşgeş bolsun gijäň görülmedik düýşi…
Tas gözýetim saralýança
Aýşy-eşret bitmesin!
Beýle jadyly gije
Özge günleň arasynda
Azaşmasyn, ýitmesin!
Durmazdan, säginmezden
«Söýýän» sözünden doýaly
Kä ukuly, kä oýaly!
Gaýta-gaýta,
Serden geçip, täzeläli bu demleri,
Bu gijä bir at goýaly!

…Geçip gitmäni bilmesin
Gel, ählije gijeleri yşkymyza mat goýaly!

Afak ŞIHLI,
azerbaýjan şahyry.

Terjime eden: Ysmaýyl TAGAN. Goşgular